# «Kutadgu bilig» türkmen dilinde

Category: Edebiýaty öwreniş,Kitapcy,Türkmen dili
написано kitapcy | 22 января, 2025
"Kutadgu bilig" türkmen dilinde »Kutadgu bilig» türkmen dilinde

Mundan müň ýyl ozal, Garahanlylar döwletinden bolan Ýusup Balasugunly diýen beýik türkmen alymy tarapyndan döredilen, dünýäde deňi-taýy bolmadyk «Kutadgu bilig» («Bagta besleýji bilim») poemasy dünýä akyldarlarynyň aklyny haýran galdyrypdyr. Bu poema döräp, hökümdar Bugra hanyň eline gowşan gününden soň, gaty tiz wagtyň icinde dünýäniň çar tarapyna şan-şöhraty ýaýrap, köp döwletiň diline terjime edilip, döwleti adalatly, kanun boýunça dolandyrmagyň esasy eseri hökmünde doly ykrar edilipdir.
Bu poema döwletleriň hökümdarlarynyň çalyşyp durmagy sebäpli belli döwürlerde, XIV-XVI asyrlaryň aralygynda doly ýitirilipdir. Emma soň bu eser Kairden, Owganystanyň Hyrat şäherinden, Özbegistandan (Ferganadan) tapylypdyr. Şeýlelikde bu eser biziň günlerimize ýetirilipdir.
Bu dünýäniň alymlarynyň, hökümdarlarynyň hormatyna mynasyp bolan bu eseriň häzirki döwüre çenli türkmen diline terjime edilmezliginiň esasy sebäbi, onuň diliniň 40 göteriminiň arap dilinde bolmagy, 30 göteriminiň pars dilinde, 30 göteriminiň hem iň gadymy türki dilinde bolan bolmagy hem mümkindir. Başga bir sebäbi bolsa bu gadymy gymmaty hiç haçan egsilmejek eseriň uzak ýyllar dowam eden hökmürowan ideologiýanyň matlabyna laýyk gelmezliginden bolmagy hem mümkin. Şeýle-de bolsa, Gündogaryň beýik akyldar alymlarynyň, şahyrlarynyň deňi-taýy bolmadyk poemanyň akyldarlyk çeşmesinden ganyp içendigi, olaryň galdyryp giden dürdäne eserlerinden hem belli bolýar.
Hormatly Prezidentimiziň «Mirasa sarpa goýmak, Watany özgertmek» diýip yglan eden ýylynda, “Beýik Garaşsyzlygymyzyň öň ýanynda Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň Merkezi ylmy

kitaphanasyna Ýusup (Has hajyp) Balasugunlynyň “Kutadgu bilig» («Bagta besleýji bilim“ poemasynyň türkmençe nusgasy gelip gowuşdy.

Bu dünýäde gadyr-gymmaty egsilmeýän, deňi-taýy bolmadyk eseri juda köp ýyllar azap edip, Türkmenistanyň Halk ýazyjysy, filologiýa ylymlarynyň doktory TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň baş ylmy işgäri Öwezdurdy Nepesow türkmen diline geçiripdir.

Türkmen halkynyň bu günki bagtyýar, eşretli toýlarynyň toýlara ulaşýan günlerinde, türkmen alymlary, tutuş türkmen halky mundan müň ýyl ozal döredilip, jahana ýaň salan beýik akyldarlyk many-mazmuna eýe bolan “Kutadgu bilig» («Bagta besleýji bilim») poemasy türkmen ylym bossanynda parlap güllerini açar.

Şasenem ÖWEZOWA,
TYA-nyň Merkezi ylmy kitaphanasynyň işgäri. Edebiýaty öwreniş